# Söýgi bilen duşuşyk / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Söýgi bilen duşuşyk / hekaýa SÖÝGI BILEN DUŞUŞYK



Nýu-Ýorkyň merkezi wokzalyndaky başnýada sagat alty bolmaga alty minut bardy. Uzyn boýly ýüzi güne ýanan leýtenant sagadyna seretmek üçin ýüzüni galdyrdy. Onuň ýüregi dynman urýardy. Ýene-de alty minutdan ol ömründe görmedik aýaly bilen duşuşar. Ol aýalyň hatlary uruş döwründe oňa uly goldaw beripdi. Leýtenant Bredfordyň bir gün aýratyn ýadynda galypdy. Şol gezek onuň uçary duşman uçarlarynyň gabawyna düşüpdi.
Alty bolmaga bäş minut bar. Ol özüniň hatlarynyň birinde ol aýala tiz-tizden gorky duýgusyny başdan geçirýändigini boýun alypdy. Edil şol söweşe birnäçe gün galanynda ol aýaldan şeýle jogap geldi: «Elbetde, gorkýansyňyz… edermen adamlaryň hemmesem gorkýarlar. Ýöne siz indiki gezek özüňize ynamyňyz bolmadyk ýagdaýynda meniň şu sözlerimi ýatlaň: «Hawa men ajal jülgesiniň içinden geçerin, men gorkmaryn, şonda siz meniň bilen bolarsyňyz». Ol bu sözleri ýatda saklapdy. Şol sözler oňa hemişe güýç berdi. Indi bolsa onuň sesini eşitmäge howlugýardy.
Alty bolmaga dört minut bar. Onuň gapdalyndan bir gyz geçdi, şonda leýtenant Bredford tisginip gitdi. Onuň kostýumyna gül dakylgy eken, ýöne ol şertleşilen kiçijik gyzyl bägül däldi.Onsoň hem ol gyz 18 ýaşlaryndady. Elen Teýlor bolsa özüniň bir hatynda 30 ýaşyndadygyny ýazypdy. Ol öz-özüne «Bolanda näme» diýdi. «Men 32 ýaşymda». Hakykatda bolsa ol 29 ýaşyndady.
Alty bolmaga üç minut bar. Onuň pikiri okuw ýyllarynda lagerda okan kitabyna tarap öwrüldi. Kitap «Baky söýgi» diýip atlandyrylýardy, kitabyň polýalarynda zenan eli bilen ýazylan bellikler bardy. Ol aýal adamynyň erkek ýüregine we psihologiýasyna şeýle çuň aralaşyp biljekdigi barada hiç wagt pikir etmändi. Kitabyň daşynda bolsa onuň eýesiniň ady ýazylan winetka bardy: Elen Teýlor. Ol Nýu-Ýorkyň telefon sprawoçniginden onuň adresini tapyp, oňa hat ýazypdy. Ol bolsa oňa jogap berdi. Ertesi ony fronta ugradýarlar. Emma olar hat alyşmalaryny kesmediler. Ol on üç aýyň dowamynda gelýän hatlara jogap berip durdy. Ondan hat gelmedik wagty hem ýazyp durdy, indi özüniň ony söýýändigine, onuň hem özüni söýýändigine ynanýardy.
Alty bolmaga iki minut bar. Ol öz suratyny ibermekden boýun gaçyrypdy. Ol muny şeýle düşündirýärdi: «Eger maňa bolan söýgiňiz hakyky bolsa siziň üçin meniň gözelligimiň ähmiýeti bolmaly däldir. Aýdaly men owadan maşgala. Şeýle bolsa mende

sizi diňe meniň gözelligim gyzyklandyrýar diýen pikir dörär we hiç wagt aýrylmaz, şeýle söýgi bolsa mazasyz bolar. Aýdaly meniň daş keşbim adaty aýallaryňky ýaly (munyň şeýle bolaýmagy hem ähtimal). Onda men size ýeke bolanyňyz üçin, hiç kimiňiz bolmandygy sebäpli maňa hat ýazmagyňyzy dowam etdirýärsiňiz diýip oýlanaryn. Ýok meniň suratymy soramaň. Haçanda Nýu-Ýorka geleniňizde Siz meni görersiňiz we belli bir karara gelersiňiz.
Alty bolmaga bir minut bar… Ol bokurdagyndaky düwüni ýuwutdy. Soňra bolsa Bredfordyň ýüregi sarsyp gitdi.
Onuň garşysyndan bir ýaş aýal gelýärdi.Ol uzyn boýly we näzikdi, onuň uzyn saçlary eginleriniň üstinde tolkun atýardy. Onuň gözleri güljagazlar ýaly mawudy. Ol özüniň açyk gök kostýumynda hut baharyň özüne meňzeýärdi. Ol aýalyň kostýumynda gyzyl bägüliň ýokdygyny hem görmän instinkt boýunça oňa tarap ýöneldi. Aýal ýylgyrdy-da: «Soldat meniň bilen gitjekmi?» diýip pyşyrdady. Ol oňa tarap bir ädim ätledi-de, Elen Teýlory gördi. Ol şol ýaş aýalyň arka ýüzünde durdy. Ýöne ol göräýmäge 40 ýaşlaryndady, şlýapasynyň aşagyndan bolsa çalaran saçlary çykyp durdy. Dolmuşrakdy, aýagynda bolsa ökjesi pes köwşi bardy. Emma paltosyna gyzyl bägül dakylgydy. Gök kostýumly ýaş aýal bolsa ýitip gidip barýardy.
Bredford özini ikä bölünen ýaly duýdy, onuň kellesindäki şol ýaş aýalyň yzyna düşmek duýgusy aşa ýitidi, ýöne öz ruhy we hatlary bilen ony goldan aýal bilen tanyşmak duýgusy hem güýçlidi. Ine ol şu ýerde dur.
Leýtenant Bredford ikirjiňlenýärdi. Onuň sandyraýan barmaklary «Baky söýgi» atly kitaby gysyp dur. Ol aýal şol kitap boýunça ony tanamalydy, mümkin ol söýgi bolmaz. Ýöne örän gymmatly dostluk bolup galar, oňa hemişe minnetdarlyk bildirilmelidir. Ol eginlerini silkişdirip, öňe tarap ädimledi we salam berip kitaby aýala tarap uzatdy.
Ol gürläp durka hem keýpiniň bozukdygyny duýýardy.
«Men… Men leýtenant Jon Bredford. Siz bolsa miss Teýlormykaňyz diýýärin. Men siziň meniň bilen duşuşyp bileniňiz üçin örän şat. Men sizi… Men sizi agşamlyk naharyna çagyryp bilerinmi?
Aýalyň ýüzünde gülki alamaty ýaýrap gitdi. Ol «Oglum men bu ýerde näme bardygyny bilemok»- diýip jogap berdi. Hanha şol gök kostýumly aýal maňa şu bägüli berip , ony paltoma

dakynmagymy haýyş etdi. Onsoň hem eger siz meni bile agşamlyk edinmäge çagyrsaňyz, onuň hol garşymyzdaky restoranda garaşýandygyny aýtmagymy sorady. Ýene-de ol bu siziň üçin synag bolar diýip aýtdy.

Sulamif IŞ-KIŞOR,

amerikaly ýewreý ýazyjysy. Hekaýalar